# Palestinalylar Salwadorda-da ýeňýär

Category: Gutlaglar,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Palestinalylar Salwadorda-da ýeňýär PALESTINALYLAR SALWADORDA-DA ÝEŇÝÄR




*Salwadorda «Palestina» baýlygy aňlatsa, kubalylar «palestinaly» sözüni ýurduň gündogaryndan paýtagt Gawana göçen garyplary tanamak üçin ulanýarlar.*
*Salwadoryň prezidenti Naýib Bukele / Fotosurat: Reuters*
Salwadoryň prezidenti Naýib Bukele arap däp-dessurlarynyň bir bölegini ýurduna getiripdir. Ol entek sesleriň 85%-ni alandygyny tassyklaýan resmi netijenamalar mälim edilmänkä özüne ikinji gezek prezidentligi gasandyran saýlawlarda ýeňişini yglan etdi.
Kyrk iki ýaşly prezident ýene bir arap däbine eýerip, ýeňişiniň «dünýä taryhyndaky iň möhüm demokratik wakadygyny» aýtdy.
Prezident Bukele palestinaly Kattanlar maşgalasynda kemala geldi.
Onuň musulman kakasy elinde mediýa şereketi bolan baý adamdy.

Birinji gezek saýlanmanka Salwador ýetjek derejesine baryp ýeten guramaçylykly jenaýatlardan we asuda durmuşyň ýoklugyndan ejir çekýärdi.
Häzir bolsa prezident ýurdunyň iň howpsuz ýurtlaryň birine öwrülendigini aýdyp magtanýar.
Alty million ilaty bolan ýurtda jenaýat jogapkärçiligine çekilenleriň sanynyň 70 müňe ýeteňkirländigi çak edilýär.
Şunuň bilen baglanyşyklylykda Naýib Bukele «Demokratiýa alternatiwa döredemzok, çünki Salwador taryhynda demokratiýa amal edip bilmedi. Bandit düwnügini ýok etdik, indi gowulanma tapgyryna gadam basdyk we arzuw edişimiz ýaly ýurt bolmak üçin jan edýäris» diýdi.
Salwador ýarym asyrlap eden-etdilikler we jenaýatlar zerarly kän kösençlik çekdi.
Şonuň üçinem Bukelr ýaly adam hukuklary bukjasy boýunça daşary ýurtlardan gelen tankydy belliklere üns bermezden, ähli Orta Amerika ýurtlarynyň prezidentleri oňa gazanan üstünligini gutlap hat ýolladylar.
Bukele indem «täze pikirler» ady berilen ýeke partiýaly sistemany ýola goýmagy meýileşdirýär. Şahsy ýeňşi bilen birlikde, onuň partiýasy-da 60 orunlyk parlamentde 58 orun gazandy.




Tarapdarlary ýeňiş gutlaglaryny paýtagt San-Salwadoryň asmanyny salýutlar bilen dolup beýan etdiler.
Salwadorda «Palestina» baýlygy aňlatsa, kubalylar «palestinaly» sözüni ýurduň gündogaryndan paýtagt Gawana göçen garyplary tanamak üçin ulanýarlar.
Bu adyň geçmişde Kastro hökümetiniň palestin dawasyna beren goldawy sebäpli ýörgünli bolan bolmagam ahmal.
Megerem, Latyn Amerikadaky iň uly palestin jemgyýeti Çilide bolsa gerek, galan jemgyýetleri bolsa, XIX asyryň soňlaryndan bäri Latyn Amerikasyna göç eden liwanlylar düzýär.
Latyn Amerikasyna gelen ähli arap migrantlary şol döwür Arap ýurtlarynyň türk häkimiýetiniň golastynda bolandygy sebäpli ilkibaşda «el-Turko» diýip atlandyrylýardy.
Emma Naýib Bukeleniň kakasy çagalaryna arapça atlary dakypdyr: Ybraýym, Kerim, Ýusup.

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Duşenbe, 12.02.2024 ý. Publisistika